Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

#9(292)

четверг, 5 марта 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**6-njy martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň iki aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemi jemlenildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysadyýetini mundan beýläk-de ösdürmek üçin netijeli işleri alyp barmagyň, jemi içerki önümiň ösüş depginini ýokary derejede saklamagyň, ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan önümçilik meýilnamalarynyň doly ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamagyň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň welaýatlary boýunça durmuş-ykdysady taýdan ösüşi üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Agajanow ýurdumyzda nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak, olary dünýä bazaryna çykarmagyň ugurlaryny köpeltmek boýunça şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, uglewodorod serişdeleriniň çykarylýan möçberini artdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri görmegiň möhümdigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere nebitgaz toplumynyň bar bolan önümçilik kuwwatyny netijeli peýdalanmagy, gazylyp alynýan ýerasty baýlyklaryň täze gorlaryny gözläp tapmak üçin netijeli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda 2026-njy ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň işini döwrebap alyp barmak boýunça zerur çäreleri dowam etdirmegiň, kitaphanalarda, muzeýlerde we beýleki medeni ojaklarda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere taryhy-medeni ýadygärliklerimizi aýawly saklamak, öwrenmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, göz öňünde tutulan medeni çäreleri ýokary derejede geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, lukmançylyk ylmyny kämilleşdirmek we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanda ylmy-lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Milli strategiýasyny» tassyklamak hakynda Karara gol çekip, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2026-njy ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerinden doly peýdalanmagyň, Türkmenistanyň çäginden geçýän üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň, ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberini artdyrmak boýunça işleri alyp barmagyň möhümdigini nygtady. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz wise-premýere aragatnaşyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, geçen iki aýda alnyp barlan işleriň gowy netijeleri görkezendigini belledi. «Biziň alyp barýan syýasatymyz netijesinde ata Watanymyzy ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär, önümçilik pudaklary yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, täze, döwrebap kärhanalary gurmaga we bar bolan kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüşiniň 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp galandygyny kanagatlanma bilen belledi. Nebit-gaz, söwda, ulag-aragatnaşyk toplumlarynda, oba hojalyk pudagynda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, medeniýet ulgamlarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär. «Şeýle hem täze senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň we beýleki desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de öňde goýlan maksatlary üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, kabul edilen maksatnamalary amala aşyrmak boýunça netijeli işleri geçirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, ýurdumyzda Halkara zenanlar gününiň giňden bellenip geçiljekdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda,

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Halkara zenanlar gününi dabaraly bellemek we 8-nji martdaky dynç gününi 9-njy marta — duşenbe gününe geçirmek barada resminama gol çekdi. Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz eziz enelerimizi, mähriban gelin-gyzlarymyzy Halkara zenanlar güni bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ БОЛГАРИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Болгария г-же Илиане Йотовой по случаю национального праздника страны – Дня освобождения.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Илиане Йотовой искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Болгария – мира, прогресса и процветания.

# ЦЕРЕМОНИЯ ОТКРЫТИЯ ВТОРОГО РЕГИОНАЛЬНОГО ТРЕНИНГА ДЛЯ МОЛОДЫХ ДИПЛОМАТОВ И ГОСУДАРСТВЕННЫХ СЛУЖАЩИХ СТРАН ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

9 марта 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась церемония открытия второго регионального тренинга для молодых дипломатов и государственных служащих стран Центральной Азии. Мероприятие организовано Правительством Туркменистана при поддержке Офиса Постоянного координатора ООН, а также посольств Итальянской Республики, Королевства Великобритании и Северной Ирландии в Туркменистане.






В церемонии приняли участие руководство и представители МИД Туркменистана, главы и работники дипломатических миссий и представительств международных организаций, аккредитованных в Туркменистане, молодые дипломаты и государственные служащие из стран Центральной Азии, профессорско-преподавательский состав и студенты Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

Участники церемонии подчеркнули, что тренинг нацелен на укрепление взаимодействия между молодыми дипломатами и госслужащими стран Центральной Азии, обмен опытом и знаниями, консолидация дипломатических усилий по решению актуальных региональных вопросов.

Выступая на открытии семинара, заместитель министра иностранных дел Туркменистана М.Бяшимова подчеркнула, что Туркменистан активно участвует в многосторонних инициативах ООН, направленных на продвижение Целей устойчивого развития, расширение гуманитарного сотрудничества, развитие транспортной взаимосвязанности и укрепление международного правового порядка.

В этом контексте нынешний тренинг представляет собой важную образовательную платформу, где участники смогут углубить свои знания об институциональной структуре ООН и механизмах принятия глобальных решений. Одной из ключевых задач тренинга является дальнейшее укрепление регионального сотрудничества между государствами Центральной Азии, которое за последние годы получило мощный импульс развития.

Особое внимание в ходе церемонии было уделено инициированному Туркменистаном Диалогу молодёжи стран Центральной Азии, который уже доказал свою эффективность. В данной связи было отмечено, что очередная встреча в рамках данного Диалога пройдет на полях нынешнего тренинга, что послужит дальнейшему укреплению уз дружбы и партнерства между молодыми лидерами региона.

# AŞGABATDA YRAK RESPUBLIKASYNYŇ ILÇIHANASY ÖZ IŞINE BAŞLADY

2026-njy ýylyň 9-njy martynda Türkmenistanyň DIM-nde Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary S.Muhammetdurdyýewiň Yrak Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň işleri wagtlaýyn ynanylan wekili Jassim Mohammed Al-Attar bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň başynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary yrakly diplomaty mähirli garşy alyp, Yrak tarapynyň Aşgabat şäherinde Yrak Respublikasynyň Ilçihanasyny açmak baradaky karary üçin minnetdarlyk bildirdi. Şeýle hem Türkmenistan tarapyndan dostlukly ýurduň diplomatik wekilhanasynyň doly derejede işlemegi üçin ähli zerur goldawyň beriljekdigi nygtaldy.

Duşuşygyň dowamynda Aşgabatda Yrak Respublikasynyň Ilçihanasynyň açylmagynyň iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer ugurlardaky gatnaşyklary has-da ösdürmäge ýardam berjekdigi bellenildi.

Şeýle hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýokary derejedäki duşuşyklaryň we Türkmenistanyň hem-de Yragyň daşary syýasat edaralarynyň arasynda geçirilýän syýasy geňeşmeleriň uly goşant goşýandygy nygtaldy. Şeýle geňeşmeleriň soňkusy 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda Bagdat şäherinde geçirildi.



Duşuşygyň dowamynda taraplar söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçiliklerini, şol sanda iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Mundan başga-da, ylym, bilim, sport we syýahatçylyk ýaly ugurlarda medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Şeýle hem 2009-njy ýylda Türkmenistan bilen Yrak Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyndan soň iki dostlukly ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň dürli ugurlar boýunça, aýratyn-da halkara giňişliginde, çalt depginde ösdürilýändigi aýratyn nygtaldy.

## A TELEPHONE CONVERSATION WAS HELD BETWEEN THE FOREIGN MINISTERS OF TURKMENISTAN AND THE REPUBLIC OF AZERBAIJAN

On March 7, 2026, a telephone conversation was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Minister of Foreign Affairs of the Republic of Azerbaijan Jeyhun Bayramov. The parties discussed the current state in the Near and Middle East.



It was emphasized that all complicated international issues should be resolved only through peaceful, political-diplomatic means and methods based on international law.

At the same time, in the context of recent air attacks on the territory of Azerbaijan, the unacceptability of violating the fundamental principle of the UN Charter, which is the respect for the sovereignty of states, was emphasized.

The Foreign Ministers exchanged views on specific humanitarian issues related to the situation in the region.

## ВСТРЕЧА В МИД ТУРКМЕНИСТАНА С ЗАМЕСТИТЕЛЕМ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ



4 марта 2026 года в МИД Туркменистана состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с заместителем министра иностранных дел Республики Корея по вопросам публичной дипломатии Лим Санг-Ву.

В ходе встречи дипломаты констатировали высокую динамику развития туркмено-корейских отношений в политической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Особое внимание стороны уделили вопросам подготовки к предстоящим визитам и мероприятиям на высшем и высоком уровнях. В данном контексте была подчеркнута значимость проведения туркмено-корейских политических и консульских консультаций, которые рассматриваются как эффективный инструмент для системного обсуждения всего комплекса вопросов двусторонней повестки.

Стороны провели обмен мнениями по актуальным вопросам международной и региональной повестки. В частности, была затронута ситуация на Ближнем Востоке, при этом отмечена важность консолидации усилий в целях обеспечения мира, безопасности и стабильности в регионе.

Пользуясь случаем, Лим Санг-Ву выразил признательность туркменской стороне за содействие в транзите граждан Республики Корея, следующих из Ирана.

В завершение встречи стороны подтвердили готовность к дальнейшему расширению многопланового диалога между двумя странами.

## BMG-NIŇ ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA ÝOKARY KOMISSARYNYŇ MÜDIRLIGINIŇ MERKEZI AZIÝA ÜÇIN SEBITLEÝIN WEKILI BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 4-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa bilen BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň müdirliginiň Merkezi Aziýa üçin sebitleýin wekili Matilda Bogneriň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň özara hormat goýmaga, ynamyň berkidilmegine we ösüşiň milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutulmagyna esaslanýan adam hukuklary boýunça konstruktiw dialogyň tarapdarydygy nygtaldy.



BMG bilen 2026–2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine aýratyn üns berildi. Bu maksatnamada adam hukuklary meseleleri durmuş syýasatyndan we gender deňliginden başlap, kanunçylygyň hökmürowanlygyna çenli ähli taraplary öz içine alýan esasy ugur bolup durýar.

Taraplar Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň hukuk goraýyş syýasatyny utgaşdyrmakda we halkara hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklary ösdürmekde esasy platforma hökmündäki ornuny bellediler.

Türkmen tarapy BMG-niň Türkmenistandaky ýurt boýunça toparynyň düzüminde halkara bilermeniň Adam hukuklary boýunça geňeşçi wezipesine bellenilendigi üçin BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň müdirligine minnetdarlyk bildirdi. Bu çözgüdiň durmuşa geçirilmegi bilelikdäki başlangyçlar we netijeli dialog üçin binýady berkitmäge gönükdirilendir.

Taraplar Türkmenistan bilen BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň müdirliginiň arasyndaky konstruktiw hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmaga taýýardyklaryny bildirdiler.

## TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Türkmenistanyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkara giňişlikde giň goldawa eýe bolýan daşary syýasat strategiýasy hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar. Bu özboluşly doktrina parahatçylykly ýaşamak, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin binýat bolup, geçen ýyllaryň dowamynda ýurdumyza ygtybarly hyzmatdaş we dünýä prosesleriniň işjeň agzasy hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýän netijeli gurala öwrüldi. Dünýä jemgyýetçiligi onuň tutuş sebit üçin ähmiýetini ykrar edip, döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny birnäçe gezek tassyklady. Birleşen Milletler Guramasynyň resminamalary, şol sanda Baş Assambleýanyň Kararnamalary bu syýasatyň häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly eserinde şeýle ýazýar: «Biz oňyn bitaraplyk diýlip atlandyrylýan nusgany saýlap aldyk. Onuň esasy düzgünleri parahatçylyk söýüjilikden, beýleki döwletleriň işine gatyşmazlykdan, olaryň özbaşdaklygyny we çäk bitewüligini hormatlamakdan, halkara harby bileleşiklere hem-de harby şertnamalara goşulmazlykdan ybaratdyr». Munuň özi Türkmenistanyň baky Bitaraplygynyň ösüşiň beýik ýoluny geçendiginiň aýdyň subutnamasydyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Kararnamasynyň ähli 185 agza döwletleriň biragyzdan ses bermeginde kabul edilmegi Türkmenistanyň öz garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden amala aşyrýan oňyn bitaraplyk daşary syýasat ugrunyň halkara hukuk ýagdaýyna doly eýe bolmagyny aňlatdy. 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda bolsa «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny kabul edildi we onda Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Kararnamasynda dün-

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BINÝADY

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

ýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we goldanylan Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň syýasy, ykdysady we ynsanperwerlik esaslary kesgitlenildi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly kararnamasynyň ýene bir gezek biragyzdan kabul edilmegi bolsa Türkmenistanyň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen netijeli daşary syýasatynyň ählumumy ykrar edilmeginiň doly subutnamasy bolup hyzmat etdi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji maslahatynda her ýylyň 12-nji dekabr senesini «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek baradaky Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhynda örän ähmiýetli taryhy wakadyr.



2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi bolsa Türkmenistany dünýäde Bitaraplygy üç gezek ykrar edilen döwlet hökmünde tanatdy. Türkmen Bitaraplygy geçen ýyllaryň içinde sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmagyň wajyp şertine öwrüldi. Halkymyzyň belent ynsanperwer ýörelgelerine esaslanýan hemişelik Bitaraplygymyzyň taryhy parahatçylyk, howpsuzlyk, durnukly ösüş ýaly umumadamzat gymmatlyklaryny ilerletmek babatda Milletler Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli berkitmegiň şanly wakalaryna beslenen şöhratly ýoly alamatlandyrýar.



Häzirki wagtda Türkmenistan «Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen, Türkmenistanyň Prezidentiniň derwaýys başlangyçlaryndan gelip çykýan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan daşary syýasatyň ösdürilmeginde ileri tutulýan uzakmöhletleýin we gysgamöhletleýin maksatlaryň hem-de wezipeleriň nazarda tutulmagynda hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýan halkara hyzmatdaşlygy dowam edýär. Munuň aýdyň mysaly hökmünde döwletimiz dünýäniň 160 ýurdy bilen diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýdy. Türkmenistan 54 sany abraýly halkara we sebit guramalary bilen netijeli hem-de işjeň hyzmatdaşlygy alyp barmak bilen, parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetiniň berkidilmegine, deňagramly hem-de birleşdiriji häsiýete eýe bolan global gün tertibiniň döredilmegine goşant goşýar.

Syýasy-diplomatik, ykdysady, söwda, ýangyç-energetika we ekologiýa, medeni-ynsanperwer ugurlarda halkara hyzmatdaşlygynyň häzirki zaman usullaryny işläp taýýarlamak boýunça halkara guramalar bilen bir hatarda «Merkezi Aziýa + 1» formatlaryň, şol sanda, «Merkezi Aziýa - Ýewropa Bileleşigi», «Merkezi Aziýa - Russiýa», «Merkezi Aziýa - ABŞ», «Merkezi Aziýa - Hytaý», «Merkezi Aziýa - Hindistan» «Merkezi Aziýa - Ýaponiýa», «Merkezi Aziýa - Koreýa Respublikasy» dialoglarynyň çäklerinde hem netijeli hyzmatdaşlyk dowam edilýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň esasy maksatlary halkara parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam bermekden, dünýäniň syýasy giňişliginde Türkmenistanyň ornuny güýçlendirmekden, halkara gatnaşyklary ugramynda döwletimiziň milli bähbitlerini yzygiderli goramakdan ybarat diýip görkezilýär. Munuň özi Bitaraplyk syýasatynyň Türkmenistanyň ähli döwletler bilen deňhukukly, özara hormat goýmak we içerki işlerine goşulmazlyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmagyna mümkinçilik berýändiginiň subutnamasydyr. Bu ýörelgeler, halkara gatnaşyklarynda durnuklylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmaga ýardam edýär.

***Rahym AKMURADOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.***

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Делегация Туркменистана приняла участие в 14-м Токийском диалоге на тему «Сохранение традиционной культуры и ее использование в промышленном развитии и международной деятельности» в рамках диалога «Центральная Азия + Япония»***

5 марта 2026 года в Токио состоялся 14-й Токийский диалог на тему «Сохранение традиционной культуры и ее использование в промышленном развитии и международной деятельности», организованный Министерством иностранных дел Японии в рамках диалога «Центральная Азия + Япония».

В Токийском диалоге приняли участие руководитель творческого объединения «Дизайн плюс» (ЮНЕСКО) Т. Гурбанова и представители посольства Туркменистана в Японии.

Наряду с делегациями стран Центральной Азии, в мероприятии приняли участие Парламентский Заместитель Министра иностранных дел Японии Эри Альфия и другие ведущие представители МИД Японии, профессора и преподаватели японских университетов, эксперты, интересующиеся странами Центральной Азии, а также представители посольств стран Центральной Азии в Токио.

14-й Токийский диалог в рамках диалога «Центральная Азия + Япония» - это открытый симпозиум с участием экспертов и специалистов, направленный на развитие сотрудничества между Японией и странами Центральной Азии.

***Совфед РФ поддерживает предложенные Ашхабадом инициативы в рамках председательства в СНГ***

Развитие двустороннего стратегического партнерства и реализация масштабной программы Туркменистана в рамках его председательства в СНГ в 2026 году стали главными темами встречи Посла Туркменистана в РФ Эсена Айдогдыева с вице-спикером Совета Федерации Константином Косачевым.

Встреча, состоявшаяся 5 марта в Москве, подтвердила статус межпарламентского диалога как одного из ключевых инструментов сближения двух государств. Особое внимание стороны уделили международной повестке, в центре которой в текущем году стоит председательство Ашхабада в Содружестве Независимых Государств.

Константин Косачев высоко оценил подготовленную туркменистанской стороной концепцию председательства, назвав её «очень серьезной и насыщенной». Вице-спикер СФ подчеркнул готовность российской стороны полностью поддержать предложенные Ашхабадом инициативы.

Помимо многостороннего взаимодействия, собеседники констатировали устойчивый рост двусторонних связей. Стратегический характер отношений России и Туркменистана сегодня охватывает не только экономический сектор, но и глубокое гуманитарно-политическое взаимодействие на уровне законодательных органов.

Поддержка со стороны Совета Федерации РФ инициатив Ашхабада на площадке МПА СНГ станет важным фактором для успешной реализации программы председательства Туркменистана, направленной на укрепление стабильности и интеграции в регионе.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***